Türkmenistanyň Statistika
baradaky döwlet komitetiniň
2019-njy ýylyň
28-nji oktýabryndaky № 109
buýrugy bilen tassyklanyldy

**№6 – SÖWDA «SÖWDA GURAMALARYNYŇ AMMARLAR ULGAMLARY BARADA HASABAT» DÖWLET STATISTIK HASABAT FORMASYNYŇ DOLDURYLYŞY BOÝUNÇA GOLLANMA**

6-söwda forma boýunça hasabaty eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan söwda edýän kärhanalar we guramalar düzýärler.

Hasabata söwda we jemgyýetçilik iýmitine hyzmat edýän ýagny bölek satuw söwda guramalaryna degişli ammarlar (zat saklanýan jaýlar), baradaky maglumatlar girýär, şeýle hem iri azyk harytlary dükanlarynyň we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynyň, iri uniwersal dükanlaryň ýanyndaky meýdany 500 $m^2$-dan az bolmadyk (sygymy 500 tonnadan az bolmadyk) ammarlar (zat saklanýan jaýlar) baradaky maglumatlar girýär.

Daýhan hojalyklaryna, kömekçi hojalyklara, taýýarlaýyş guramalaryna, söwda guramalarynyň önümçilik kärhanalaryna degişli ammarlar, şeýle-de maddy-tehniki üpjünçilik ammarlary (enjamlaryň, inwentarlaryň saklanýan ammarlary) söwda guramalarynyň ammarlar ulgamy baradaky hasabata alynmaýar.

Şunuň ýaly-da ammarlar düzümine dükanlaryň we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynyň ýanyndaky ammarçalar we beýleki jaýlar (meýdany 500 $m^2$ - dan we göwrümi 500 tonnadan az bolmadyk iri ammarlardan başgasy), şeýle-de harytlar saklanýan üsti açyk punktlar we bassyrmalar girmeýär.

1-nji ýanwara çenli hereket edýän öz ammarlary we kärendesine alnan ammarlar hasaba alynmalydyr.

Galyberse-de, bir guramadan kärendesine alnan ammarlar, olary kärendesine beren guramalaryň hasabatynda görkezilýär.

Aýratyn bölünip berlen ýerlerdäki ammara niýetlenilen jaýlar, başga jaýlarda ýörite gurlan ammar jaýlary, şonuň ýaly-da haryt saklamak üçin ýöriteleşdirilen jaýlar (hususan-da, ýaşaýyş jaýlaryň ýerzeminleri we başgalar) ammar hasaplanýar.

Eger bir jaýda haryt saklamak üçin bir näçe aýratyn jaýlar bolup, olaryň hemmesem bir dolandyryşyň (direktoryň, ammar müdiriniň) garamagynda bolsa onda bu jaýlaryň hemmesi bir ammar hasap edilýär. Eger jaýlaryň hersi bir dolandyryşyň garamagynda bolsa, onda şol jaýlaryň her biri aýratyn ammar hasap edilýär.

Eger ammar hojalygy diňe bir dolandyryşa garaşly bolsa we dürli binalarda aýry-aýry jaýlarda ýerleşen bolsa, onda bu jaýlaryň her biri özbaşdak ammar hasap edilýär.

1-nji bölümde umumy haryt ammarlary, ýagny saklananda ýörite şertleri talap etmeýän azyk we senagat harytlaryny saklamaga niýetlenen umumy görnüşli

ammarlar hasaba alynýar. Umumy haryt ammarlarynyň düzümine duz, kartoşka, gök önüm we miwe saklamak üçin, nebit-kerosin üçin jaylar hem-de agaç we gurluşyk materiallaryny saklamak üçin ammarlar girizilmeýär. Umumy haryt ammarlarynyň harytlary ýöriteleşdirmek boýunça bölünişi edil bölek-satuw söwdasyndaky ýaly alamatlar boýunça amala aşyrylýar.

1-nji bölümiň 1-nji sütüninde «Hemmesi» azyk, azyk däl ammarlaryň umumy sany, şeýle hem azyk harytlaryny-da, azyk däl harytlary-da saklamak üçin garyşyk (uniwersal) ammarlar hasaba alynmalydyr. Şonuň bilen birlikde 1-nji sütündäki maglumatlar azyk däl we garyşyk ammarlaryň hasabyna 2-nji sütündäki maglumatlardan köp bolar. Umumy haryt azyk ammarlary şol sanda 2-nji sütünde aýratyn görkezilýär.

Haryt saklamak üçin ulanylýan wagtlaýyn enjamlaşdyrylan jaýlar: ýerzeminler we beýleki ýaşaýyş we ýaşaýyş däl jaýlar, şonuň ýaly-da beýleki maksatlar uçin niýetlenen, hut şonuň üçin hem haryt saklamagyň talaplaryna laýyk gelmeýän hem-de häzirki zaman tehnologiki işlerini geçirmek we zähmeti ylmy taýdan guramak üçin şertleri bolmadyk aýratyn duran jaýlar 04-nji setirde aýratyn bölünip görkezilýär.

13-nji setirde kärendesine alnan ammarlar, ýagny eýeleri kärendeçi kärhanalar bolup durýan ammarlar görkezilýär.

2-nji bölümde ýöriteleşdirilen ammarlaryň we zat saklanýan jaýlaryň sany görkezilýär.

01, 04, 06-njy setirler boýunça degişlilikde diňe gök önüm, ýa-da diňe miwe ýa-da diňe kartoşka saklamak üçin ýörite gurulan ammarlar hasaba alynýar. Ammaryň ýöriteleşdirilişi kesgitlenende ony kepillendiriji resminamalar: ammar jaýlarynyň pasport maglumatlary, täze gurlan ammarlaryň kabul ediliş aktlary, kärendä alynyşynyň şertnamalary we ş.m. ulanylmalydyr. Şeýlelik-de, ammarda şol bir wagtda gök önüm we kartoşka, gök önüm we miwe ýa-da kartoşka we miwe saklananda ammaryň ýöriteleşdirilen görnüşi taslama resminamalary esasynda kesgitlenilmelidir. Kartoşka, gök önüm we miwe saklamak üçin wagtlaýyn ýöriteleşdirilen aýratyn jaýlar 09 setirde aýratyn hasaba alynýar.

Önüm saklanýan jaýlaryň düzümine dükanlaryň we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynyň ýanyndaky ammarçalar we beýleki ammar jaýlary (sygymy 500 tonnadan az bolmadyk iri ammarlardan başgasy), şeýle-de kartoşka we miwe gök önüm saklamak üçin açyk meýdanda ýa-da bassyrmada ýerleşýän ammar nokatlary girizilmeýär. Hususanda, kartoşka, gök önüm saklamak üçin çukurlar (urular), miwe, gök önümleri saklamak üçin açyk howlydaky ýa-da bassyrmanyň aşagynda ýerleşen nokatlar hasaba alynmaly däl. Gök önüm, kartoşka we miwe saklanylýan, ammarlaryň düzümine önümleri täzeden işlemek üçin (duzlamak, turşatmak üçin) ýörite gurulan jaýlaryň hem girmeýändigini aýratyn bellemek gerek.

Gök önüm saklanylýan jaýlardaky duzlanan gök önümleri saklamak üçin ulanylýan doşnikleriň we çelekleriň sygymy gök önüm saklanylýan jaýyň sygymynyň düzüminde hasaba alynmalydyr.

Gowy şemallandyrylan ammarlara kartoşkany ýa-da gök önümi harmanlarda ýa-da üýşmekleýin dökülen görnüşde gapsyz saklamak üçin şemallatmagyň ýörite enjamlary bilen abzallaşdyrylan, duwara şemally ammarçalar girýär.

Sowadyjyly ammarlara gök önümleri, kartoşka we miwe önümlerini saklamak üçin amatly şertler bilen üpjün edýän ýörite sowadyjy maşynlary bar bolan ammarlar girýär.

Eger ammar şol bir wagtda hem gowy şemalladylýan bolsa, hem-de sowadyş bilen üpjün edilen bolsa, onda ol jaý şemalladyşyň ýa-da sowadyşyň haýsysy agdyklyk edýän bolsa, şol görnüşe goşulyp hasaba alynýar.

Kartoşka saklanylýan (gök önüm saklanylýan) gowy şemalladylýan we sowadyjyly ammarlar baradaky maglumatlarynyň jemi tutuşlygyna kartoşka saklanylýan jaýlar baradaky maglumatlardan köp bolup bilmez, ýöne, önümi saklamaklygyň beýleki usullarynyň ulanylmagynyň hasabyna az bolup biler.

10-njy setir boýunça «Maşyn bilen sowadylýan sowadyjyly ammarlar» aýratyn jaýlarda ýerleşen, aýratyn girelgesi bolan we sowadyjy maşynlar bilen abzallaşdyrylan ýörite haryt ammarlary hasaba alynýar.

Sowadyjy ammarlaryň düzüminde azyk we garyşyk ammarlaryň ýanyndaky şeýle-de, dükanlaryň we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynyň ýanyndaky sowadyjy kameralar, şeýle hem sowadyjyly ammarçalar hasaba alynmaýar.

12-nji setirde nebit we kerosin önümlerini saklamaga niýetlenen ýörite jaýlar: gozgalmaýan rezerwuarlar (gozgalmaýan demir baklar hem-de sisternalar), ýerasty demir, beton ýa-da beýleki zat saklanýan jaylar görkezilýär. Kerosin saklamak üçin jaýlaryň bir ýa-da bir näçe rezerwuary bolup biler, özi-de ähli rezerwuarlar bir kerosin-ammary hökmünde hasaba alynýar. Kerosinli çelekleriň saklanylýan açyk meýdançalar, şeýle hem nebit önümleri çeleklerde ýa-da barabanlarda saklanylýan ammarlar kerosin saklaýjy howdanlar diýlip hasap edilmeýär we hasabatda görkezilmeýär. Nebitkerosin howuslarynyň sanynda dükanlaryň ýanyndaky bölek-satuw söwda üçin niýetlenen çelekler we sisternalar hasaba alynmaýar, ýöne sygymy 6 ton we ondan hem köp bolan rezerwuarlar hasaba alynýar.

13-nji setirde duzlanan önümler üçin ammarlary hasaba alynýar. Muňa duz saklamak üçin ýörite niýetlenen ammar jaýlary girýär. Käbir halatlarda duz saklanýan açyk meýdançalar, hatda olar howa şertleriniň ýaramaz täsir etmeginden (ýagyşdan, ýelden we başgalardan) goralan hem bolsa (galkanlar, brezentler we ş.m. bilen) duz ammary hasaplanmaýar.

14-nji setir boýunça gök önüm, kartoşka saklanylýan jaýlaryň umumy sanyndan gök önüm, kartoşka saklanylýan konteýner görnüşli jaýlar aýratyn bölünip görkezilýär. Şu hili ammarlaryň düzümine kartoşkany we gök önümleri saklamak üçin ýörite konteýneri bolan ammarlar girýär.

Haryt ammarlaryň her bir görnüşi üçin olaryň ammarlyk meýdanynyň ölçegi inedördül metrlerde, sygymy bolsa tonnalarda görkezilýär. Umumy haryt ammarlary boýunça olaryň göwrümini kub metrlerdäki ölçegde gorkezmek göz öňünde tutulandyr.

Harytlary saklamak, işläp taýýarlamak, täzeden sortlamak we gaplamak üçin niýetlenen ammaryň meýdany ýa göwrümi ammaryň meýdany, ammaryň göwrümi ýa-da sygymy diýlip hasaplanýar. Şunda hasaba alnyşyň wagtyna çenli döwri hakykatdan-da bar bolan ähli üýşürintgileriň tutýan meýdanyny däl-de onuň önüm saklanylýan ammaryň meýdany (göwrümi, sygymy) göz oňünde tutulýar. Kontoranyň we durmuş jaýlarynyň tutýan ýerleri, koridorlar, basgançaklar,

merdiwan meýdançalary we ş.m. meýdanlar ammarlaryň göwrümine, sygymyna girizilmeýär.

Ammaryň meýdanyny (sygymyny) kesgitlemek üçin şol maglumatlary tassyklaýan resminamalar, ýagny ammar meýdanlaryny resmileşdirýän maglumatlar, täze gurulan ammarlaryň kabul ediliş aktlary, kärendä almagyň şertnamalary we ş.m. ulanylýar. Umumy haryt ammarlaryň göwrümi (kub metrlerde) ammaryň meýdanyny jaýyň beýikligine köpeltmek arkaly kesgitlenýär, şonda beýiklik jaýyň poldan petige çenli bolan aralygyny ölçemek arkaly kesgitlenýär. Ammarlar dürli beýiklikde bolan ýagdaýynda, her jaýyň göwrümi aýratyn kesgitlenýär we alnan netijeler jemlenýär.

Nebit we kerosin saklanýan jaýlaryň umumy göwrümi kerosin, nebit önümlerini saklamak üçin niýetlenen demir rezerwuarlaryň (baklaryň we sisternalaryň) göwrümlerini jemlemek arkaly kesgitlenýär.

15-nji setirde işgärler topary tarapyndan kärendä alnan, ýagny kärendeçi bolup durýan kärhananyň önüm saklanýan jaýlary görkezilýär.

**Söwdanyň, ulagyň we aragatnaşygyň statistikasy müdirligi**